# Körlük keseli we koronawirus

Category: Edebi makalalar,Kitapcy,Medisina
написано kitapcy | 23 января, 2025
Körlük keseli we koronawirus KÖRLÜK KESELI WE KORONAWIRUS




Romanyñ başlanyşy şeýle: gyzyl yşyk ýananda säginen awtoulagyñ rulunda oturan sürüjiniñ gözi birdenkä kör bolýar.
Bir tanşy ony göz lukmanyna äkidýär, göz lukmany-da, yzyndan ony getiren tanşy-da kör bolýar. Lukmanyñ ýanynda işleýän kömekçisi-de körlükden nesibini alýar we ş.m… Görşüñiz ýaly, az salymyñ içinde «ýokanç körlük keseli» başlaýar duruberýär.
Portugal ýazyjysy Žoze Saramagonyñ 1998-nji ýylda «Nobel» baýragyny alan we kinofilmi-de surata düşürilen bu romanynyñ ady: «Körlük» («Слепота»).
Roman körlügiñ köpçülikleýin ýokanç kesele öwrülen jemgyýetinde bolup geçýän wakalary suratlandyrýar.
Ýokanç koronawirus keseliniñ ýaýran şertlerinde ýaşap ýörüs. Dünýä mundan öñem şuña meñzeş köpçülikleýin ýokanç keselleriñ

ýaýran döwürlerini başdan geçiripdi. Emma «Körlük» romanyny okanyňdan soň koronawirus ýaly epidemiýalaryň körlük keseliniň ýanynda çaga oýunjagy ýaly bir zat bolup galýandygyna düşünýärsiň. Romanda görmeýänleriň (körleriň) arasynda, gözi görýän, emma görýändigini gizleýän birisi-de bar, bu bolsa “görmek” ukybynyň adam üçin bahasyna ýetip bolmajak nä derejedäki gymmatlykdygyny görkezýär.
“Körlük keseliniň” niçiksi jemgyýet manzarasyny orta çykarýandygyny görmek üçin romany hökman okamak gerek. Şular ýaly günlerde-hä, bu eseri wagtyňyzy giderip okanyňyza asla-da ökünmersiňizmikä diýýän.
Emma netijede ondan has çäkli weýrançylyga getiren koronawirusyň külli adamzat jemgyýetini niçiksi gara girdabyň içine itekländigine özüňiz şaýat.
Bir wirusdan söz açýarys. Kinniwanja bir närse. Birdenkä ol bütin dünýäniň gözüne ilýär. Bütin medisina dünýäsi aýaga galýar. Tanalýança we garşysyna el-ele berlip göreşilýänçä müňlerçe adamy tükgerdip ýetişýär. Uly-uly ýurtlaryň adamdan ýaňa aýak basara ýer bolmaýan mähelleli köçeleri, bulwarlary boş haňlap ýatyr, yns-jynsa gözüň düşjek gümany ýok. Köçeler koronawirus belasynyň elinde. Ykdysadyýetler çat açmaga başlady.
Eýse, himiki urşuň bosagasynda durusmyka? Çünki adamzadyň elinde şeýle ýaraglaryň bardygy gizlin däl. Bir telbäniň biri çykaga-da, adamzadyň köküne kükürt suwuny döküp biler. Bu boýunça birgiden ylmy-fantastiki eserler ýazyldy.
Ynsan ogly ynsana garşy atom bombasyny ulanmadymy näme… Aşakda ýaňy dünýä inen neresse bäbejikleriň, uruşa dahylsyz bigünä adamlaryň 15 sekundyň içinde dumana öwrülip gitjegine pitiwa eden boldumy?!.
Şeýdip adamçylygyny ýitiren adam oglunyň gäbi azdygyça azdy.
Adamzadyň nirä tarap barýandygyna üns bermek lazym.
Koronawirusa garşy öňüni alyş çäreleri işlenip taýýarlanylýar-a… Bularyň hemmesi adamyň özüne we beýlekilere dahylly etmeli işleri. Öz janymyz bokurdaga gelip diränде, belki-de, biraz janypkeşligimiz artýan bolarly.
Emma bu kynçylyk bosagamyza gelip dirände herekete geçen janypkeşlik bilen dep ederden uly görünýär.
Adamzadyň sferalaýyn derejede işjeňligi başdan geçirýän şu döwründe “kiçijik bir ýalňyşlygyň” sferalaýyn derejede weýrançylyga öwrülme howpynyňam bolýandygyna hemmämiz

bilelikde şaýat bolduk.
Merhum Kemal Ural beýiñ “Ownuk zat ýok” («Küçük Şey Yoktur») diýen kitaby bardy. Hut şeýle. Kebelek täsiri diýilýär-ä… Hytaýdan çykan bir adam Italiýany oda berýär. Edil ýöne goza ýanýan ýaly, tutaşyp-tutaşyp ýanýar… Şindi Hytaýda dörän bu ýangyn bize gelip ýetmez diýýän barmy? Awstraliýa ýandy, düýeler ýok edildi. Bize hiç zat bolmaz diýýän barmy?
Adam hökmünde ýaradylyşa-ýaradylmyşa garşy eden günälerimize ser salmak lazym. Howa, suwa, agaçlara, guşa, asmana, ýere… Nämäni näçeräk sarp edýäris, näçeräk hapalaýarys, näçerägi arassa?
Ynha, “Körlük” romany hem hut belli bir mesele babatda adamyñ içki körleşmesiniñ, göýdükleşmesiniñ şahsy bähbitleri bilen birlikde niçiksi batgalykda boguljagyny-da okyja ussatlyk bilen düşündirip bilipdir.
Şahsy bähbitlerimiz…
Muña çapyp ýadamadykmy? Besdir indi!
Äleme näme berýäris? Biz munda artykmaçmy, ýa kemmi? Nämedir bir zatlara goşant goşýarysmy ýa-da nämedir bir zatlary kemeltýärismi?
Ahmet TAŞGETIREN,
ahmettasgetiren@karar.com

13.03.2020 ý, «Karar» gazeti.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW,
Stambul uniwersitetiniñ talyby. Edebi makalalar